# General Skobelewiň şöhraty hem gözden düşüşi



Mihail D.Skoblew (1843-1882)

**Hormatly okyjy!**

**Siz bu makalada Orsýetiň patyşasy Alksandr II-niň ýörite buýruk bilen Skoblewi Gökdepä ugradyşy, Orta Aziýada rus-iňlis bäsdeşligi, Dykma serdaryň roly dogrusynda täze maglumatlary edinip bilersiňiz. Skoblewiň daşary ýurta gitmäge mejbur boluşy we onuň Angliýa myhmanhanasynda gözden düşüp ölüşi hem-de Kuropaktkiniň urşdan soňra Türkmenistanda alyp baran käbir işleri bilen tanyşarsyňyz.**

**************

**Häzirem, hemişe-de bolşy ýaly, Türkmenistanyň Orsýete birikdirilmegi hakda gürrüň edilende, Gökdepäniň patyşa goşunlary tarapyndan zabt edilip alnyşy bilen baglanyşykly sahypalary ýatlanylanda, hökman general Skobelewiň ady tutulýar. «Ak general» türkmenlere şeýle bir zalymlyk edipdir welin, ony hemişe iň ganym, iň birehim general hökmünde ýatlaýarlar. Aslyýetinde, ol şeýle adamam bolupdyr. Skobelew Balkan daglarynda rus-türk urşunda-da, Türkmenistanda ikinji Ahal-teke ekspedisiýasyna ýolbaşçylyk edende-de, harby borjuna juda „yhlasly“ bolupdyr. Türkmenistana Skobelew basybalyjy bolup geldi, general Lomakiniň şowsuz gutaran birinji Ahal-teke ekspedisiýasy üçin ar almaga geldi.**

**Bu gezek Gökdepe hakdaky gürrüň Gyş Köşgünde boldy. 2-nji Ahal-teke ýörişini döretmek baradaky maslahata imperator Aleksandr II-niň özem gatnaşdy. Goşuna komandirlik etmek üçin golaýda Bolgariýadan dolanyp gelen Skobelew bellendi. Bu wezipä Skobelewiň bellenmegi tötänden däldi. patyşa Skobelewi, ozaly bilen, sadyk guly, türkmenleriň, kokantlylaryň başyna gelen ganymy hasaplaýardy. 1871-nji ýylda Krasnowodsk otrýadynda gulluk edýärkä, Markozow bilen bileleşip, çarwa türkmenleriň düýelerini zorluk bilen alanam, boýun synmadyklary rehimsiz gyranam ýaş rotmistr Skobelewdi. Şonuň üçin patyşa Skobelewiň ýene bir gezek Türkmenistanda bolmaly**

wagtynyň gelendigini, tekepbir tekelere göz görkezip, olary Orsýete hyzmat etmäge mejbur etmeli wagtynyň gelendigini aýdýar.

Imperatoryň planlary ägirtdi: ol Krasnswodskiden Daşkende çenli demir ýol çekmegi, Orta Aziýany uly söwda işine çekmegi ýüregine düwüpdi. Ýöne tekeler onuň öňünde keserip durdular, onuň bu planlarynyň amala aşmagyna päsgel berýärdiler. Meseläniň mojugy, Owgakystany eýelän iňlisler Mary, Ahal etraplaryna göz dikýärdiler. Şonuň üçinem olardan öňürtmek gerekdi. Angliýa bilen Orsýetnyň arasynda Türküstan bazary ugrunda köp wagtdan bäri jedel gidýärdi. Iňlisler Hindistany öz baknasyna öwren batlaryna, Buhara, Hywa, Daşkende ýol agtaryp başlapdylar. İňlis harytlary bolan täjirler— hakyna tutma hindi emeldarlary bu şäherleriň hemme bazarlarynda arkaýyn söwda edýärdiler, Türküstandaky iňlis agentleri ruslara garşy wagyz etmekde uly iş bitirýärdiler. Olar türkmenleri hem unudanokdylar. Eýranda ýaşaýan, ýöne tekeleriň serdary Nurberdi hanyň garyndaşyna öýlenen Abdylhasan han diýen biriniň üsti bilen olar türkmenleri ruslara garşy öjükdirýärdiler. Iňlisleriň alyp barýan işleri hakda Zakaspi harby bölüminiň naçalnigi general Lomakinden yzygiderli raport gowşup durýardy.





Solda: Britan kapitany Çarles Napier (w.pedia)
Sagda: Nikolaý Pavloviç Lomakin (1830-1902)

Goňşulykda ýerleşýän Goçantda, kürt ylhanynyň ýanynda mesgen tutan britan kapitany Nepier bu babatda aýratynam kän iş bitirýärdi. Diňe Lomakin däl, Orsýet tarapynda duran käbir tekelerem şondan ägä bolmagy rus harbylaryna duýdurýardylar. Tekeleriň arasynda ady belli Garaja han 1878-nji ýylyň 16-njy aprelinde rus komandowaniýesine şeýle habar berýär:

> «Eýranda saklanýan teke ýesirleriniň bir böleginiň birnäçe iňlisiň haýyş etmegi bilen boşadylandygyny we Arkaja gelendigini size haber bermegi özüme hormat bilýärin. Abdylhasan han Arkaçda ýok, ýöne ol indiki aýda geljekmiş diýen gürrüň bar. Iňlisler bize gelenlerinden soň, ähtimal, özleriniň näme maksat bilen gelendiklerini mälim ederler, Men ol hakda size jikme-jik ýazaryn. Soňra olar Mara-da gitmegi nazarda tutýarlar. Nurberdi han häzir Maryda iňlislere garaşýar...»

Orsýet üçin Orta Aziýa bazaryny eýelemegiň, söwdada ýeke-täk agalyk etmegiň ägirt ähmiýeti bardy. Şonuň üçinem Orsýet Türkmenistanyň jümmüşine goşun sürdi. Ilki Gyzylarbat jülgesinde, soňra bolsa birinji Ahal-teke ekspedisiýasynda ýeňildi. Ine indem imperator Aleksandr II-niň hut özi täze ekspedisiýa ak pata berýärdi. Patyşa Skobelewiň

serkerdelik talantyna, zabuwlygywa bil baglaýardy. Ol Skobelewe köşk generaly hökmünde hemme zady tutuşlygyna ynanýardy. Ynanmaz ýalymy? Skobelewler hemişe Orsýet hökümdarlaryna iň ýakyn adamlar bolupdylar. «Ak generalyň» atasy imperatoryň hut özi bilen oturyşyp-turuşýar eken. Peterburg garniazonyň naçanliginiň we Petropawlowsk galasynyň komendantynyň wezipesinde gulluk edipdir. Skobelewin, kakasy hem general eken. Skobelewiň ejesi imperatoryň aýalynyň ynamdar jorasy bolupdyr. Ol rus-türk urşy döwründe Bolgariýadaka «Gyzyl hajyň» işine serenjam beripdir. Skobelewiň daýzasy bolsa patyşa köşgüniň ministri graf Adlerbergiň aýaly eken. Mundan başga näme gerek!



Imperator Aleksander II
(1818-1881) w.pedia

1880-nji ýylyň 27-nji martynda, Skobelewiň Peterburgdan ugramagynyň öň ýanynda patyşa ýüzbe-ýüz gürrüňdeşlikde oňa şeýle diýdipdir: «Tekeler hakda maňa habar berişlerinden hasap tutsaň, olar hasam uruşgan halk bolmaly...». Soňam ol şeýle perman beripdi: «Plan kabul edildimi, ondan yza çekilmeli däl: yza tarap juda howply ýekeje ädim ädäýdigiň, ol Ýewropanyň, Aziýanyň gözüniň alnynda biziň gowşaklygymyzyň nyşany hökmünde görnüp biler, biziň duşmanlarymyzy has batyrlandyryp biler. Orsýet üçin şol howply ädim geçiriljek bolunýan şu ekspedisiýanyň harajatyndanam has gymmat düşer...».

Ähtimal, patyşanyň özüniň wada beren bolmagy hem mümkin, Skobelewiň ýakyn wagtda harby ministriň wezipesini eýelejekdigi hakda köşükde gürrüň ýaýrapdy.

Onat ýaraglanan rotalar, batalonlar bilen, hersi ýüz nökerli kazak goşunlary bilen Ahala aralaşan Skobelew patyşanyň görkezmelerini pugta berjaý edip başdady. Ol hiç zatdan gaýtmaýardy. Bugdaý orup ýören daýhany duran ýerinde atýardylar, heniz orulmadyk bugdaýlary otlanýardy. Skobelew Goçandaky kürt ylhanyny hem türkmenleriň üstüne küşgürýärdi. Gökdepä söweşli razwedka geçirip görenden soň, Skobelew ol ýere goşun sürdi, galany birsyhly top okuna, tüpeň okuna tutmaga başlady. Onuň zalymlygynyň çeni-çaky ýokdy. Ýöne, Gökdepäni goraýanlaryň mertliginiňem çeni-çaky ýokdy. Erkana, azatlyk söýüji türkmenler diňe bir goranmak bilen çäklenmän, basybalyjylaryň üstüne batyrgaý çozuşam edip durýardylar.



Dykma serdar
(Grodokowyň kitabyndan)

Döwrüň gowy ýaraglary bilen söweşýän goşunyň garşysyna gylyç bilen, taýagyň ujuna berkidilen gyrkylyk bilen göreşýärdiler. Türkmen ýigitleri gije çozuş edip, garpyşykly söweşe girýärdiler, garymlara kürsäp urup, öňlerinden çykan ähli zady dargadyp gidýärdiler. Olar aýratyn Abşeron batalonynyň topuny hem eginlerine göterip alyp gidipdiler, şol batalonyň baýdagyny hem ele salypdylar. Olar güýç bilen tüpeň, ok-däri hem basyp alýardylar. Dykma serdar özüniň ýyldyrym çaltlygynda hereket edýän atlylary bilen has-da tapawutlanýardy. Ol garadan gaýtmaz batyr adam bolupdyr. Ol hakda dürli rowaýatlar döräpdir. Dykma entek 13 ýaşyndaka Jandurdy serdaryň atlylarynyň arasynda ýönekeý nöker bolupdyr, 15 ýaşyndaka kürtlere ýesir düşýär. Ony Bujnurda alyp gidýärler. Ol şol ýerde Mämmetrahym hanyň zyndanynda alty aýlap oturýar. Börmäniň ilaty müň tümen pul ýygnap, ony ýesirlikden satyn alýarlar. Ol gaty ýatkeş eken, ýola belet hem yzçy adam bolupdyr. Ol özüniň edenliligi bilen beýleki ýigitlerden tapawutlanýar. 17 ýaşyndaka eýýäm onuň öz daşynda ýüz nökeri bar eken. Onuň eden ýörişlerini hem görkezen edermenligini sanap çykmak mümkin däl. Onuň il arasyndaky şöhraty gaty uly bolupdyr.

1879-njy ýylyň aprelinde Dykma serdar hem, iňlislere ýykgyn etmekden ýüz dönderen Garaja han ýaly, öz ogly Akberdi bilen ruslaryň tarapyna geçýär, birinji Ahal-teke ekspedisnýasyna gatnaşýar, rus harbylarynyň ýerleşmegi üçin niýetlenen we heniz gurlup gutarylmadyk Diňlidepe galasyna hüjüm edýär. Rus otrýady ýeňlip gidenden soň, patyşa ofisserleriniň biri tarapyndan göwnüne deglen Dykma serdar, gaçyp guma çykýar. Orsýetniň ýene Ahalyň üstüne hüjüm etmekçi bolýanyny eşidip, ol Gökdepä gelýär we mundan beýläk hiç wagt ruslara gulluk etmejekdigine gurhandan ant içýär. Şeýdip, Dykma serdar patyşa generaly Skobelewiň ganym duşmanyna öwrülýär. 1880-nji ýylyň iýulynyň başynda Skobelewiň barlag geçirýän otrýady Gökdepe galasynyň etegine gelende, onuň Dykma serdaryň ýigitleri taranyndan derbi-dagyn edilmegine az galýar. Skobelew otrýadyny zordan halas edýär. Şondan soň Dykma serdar edil bürgüt ýaly bolup, Bendesen geçidinde patyşa goşunlarynyň ýoluny garawullaýar. Skobelewiň daýanç punkty bolan Bama barýan azyk kerwenleriniň üstüne çozýar. Bir gezek Dykma serdara Hojagalada Skobelewiň Şeýnowo atly ýaralanan atynyň bardygyny habar berýärler. Ol aty Skobelew türkler bilen bolan uruşda Osman paşadan alan eken. Dykma serdar birnäçe günläp, Skobelewiň atyny göz astyna alyp gezýär. Ahyram ony

Hojagaladan Bama alyp barýarkalar, Dykma serdar öz ýigitleri bilen garawullaryň üstüne çozýar hem olaryň elinden Skobolewiň atyny alyp, Gökdepä şony münüp gaýdyp gelýär...

Skobelewi Moskwada bir wagtlar Napoleonyň Parižde garşylanyşy ýaly uly hormat bilen garşylaýarlar. Peterburgda bolsa hiç hili dabara guralmaýar. Atasynyň ýerine geçen Aleksandr Üçünji «ak generaly» kabul edip, ýaş graf Orlow-Denisowyň agyr ýaralamaga tekelere maý berendigi üçin, oňa igenýär. Skobelewiň görkezen hyzmatlary barada bolsa ýekeje sözem aýtmaýar. Skobelewiň ministriň kürsüsinde oturmak arzuzy puç bolýar. Täze imperator Skobelewi harby ministriň kürsüsinde oturtmak barada pikirem edenok. Ine-de patyşanyň ajy ýylgyrm bilen aýdan iň ahyrky sözi: «General, Minskä, öz 4-nji goşun korpusyňza gidiň, ol ýerde, ähtimal, size köp garaşan bolsalar gerek...»

1882-nji ýylyn 12-nji ýanwarynda, Gökdepäniň alynmagynyň bir ýyllygynda, Skobelew Peterburgda Boreliň restoranynda söz sözleýär... Ol ähli gahar-gazabyny rus imperatorynyň apalaýan Awstro-Wengriýasyna garşy gönükdirýär. Onuň bu sözi uly şowhun turuzýar. Awstriýalylar özleriniň ör-gökden gelendiklerini mälim edýärler. Daşary işler ministrliginiň wekili Gris Awstriýa hökümetinden ötünç soraýar. Skobelewe bolsa haýal etmän, daşary ýurda rugsada gitmek teklip edilýär.

Skobelewiň fransuz respublikaçylary Gambetta Adam we Žýuletta Adam bilen, Çernogoriýadan gelen studentler bilen Parižde bolan duşuşyklary hakdaky, onuň yzyna, Orsýet çagyrylyşy, Angliýa myhmanhanasynda gözden düşüp ölşi hakdaky hemmä belli maglumatlar bilen okyjylary ýadadyp oturmaýyn.

Skobelewiň ýörişinden soň, rus häkimiýetleri, Türkmenistanda yraň atan abraýyny diketmäge synanşýarlar. Başda rus-ýerli mekdepler açyldy, Skobelewiň ýakyn dostlarynyň biri, general Kuropatkin hem onuň ýalňyşlyklarynyň salan ýaralaryny bejermäge başlady. Ol 1890-njy ýylda Zakaspi oblastynyň naçalnikligine bellenenden soň, ilki bilen türkmen hanlaryny we aksakgallaryny özüne ýakynlaşdyrdy. Ol Aşgabada kadet korpusyny ýaňja tamamlan iki sany ofisseri ýanyna alyp gelipdi, olaryň biri Kuropatkiniň adyýutanty, kapitan Ýomudskidi, beýlekisi bolsa oblastyň musulman bölüminiň ilkinji naçalnigi, Dykma serdaryň ogly Oraz serdardy. Zakaspide naçalnik bolup işlän ýedi ýylynyň dowamynda Kuropatkin ýüzlerçe ýaş türkmen ýigitlerini kadet korpuslaryna iberipdi. Olar gaýdyp gelenlerinden soň, obalardaky öz obşinalaryna ýolbaşçylyk edipdiler, milli milisiýany döredipdiler, harby çinownik bolup, döwlet edaralarynda, sudlarda terjimeçi bolup işläpdiler.



Magtymguly han.
(Grodokowyň kitabyndan)

Gökdepe türkmenleriniň serdary Magtymguly hana Kuropatkin aýratynam uly hormat goýupdyr. Magtymguly hanyň terjimehaly iňňän täsin. Nurberdi hanyň ogly, baý hem ady belli Magtymguly han kakasy ölenden soň, patyşa goşunlary Gökdepäni eýelänlerinden soň Mara, öweý ejesi Güljemal hanyň ýanyna göçüp barýar. Şol ýerde hem Ahalda nähili wakalar bolup geçýändigine syn edip başlaýar. Wakalar bolsa gaty okgunlylyk bilen ösýärdi. Basym Dykma serdar özüni Skobelewiň ygtyýaryna beripdi we kiçi ogly Orazy (1919-njy ýyllarda Türkmenistanda milli döwlet gurmak ugrunda göreşen meşhur Oraz serdar-AG) Peterburga kadetler korpusyna iberipdi. Soňra Dykma serdar rotmistr Alyhanow bilen bile Mara gelip, Magtymguly hana Ahala dolanyp barmagy töwella edipdi. Uzak wagtlap ikirjiňlenip gezenden soň, Magtymguly han Peterburga Aleksandr Üçünjiniň ýanyna gidipdi, maýorlyk pogonyny alypdy hem özüniň Ahaldaky mülküne eýe bolupdy. Ol özüniň öweý ejesi Güljemal han bilen birlikde Marynyň ilatyny Orsýet parahatçylykly birikdirmäge taýýarlanypdy. Gökdepä dolanyp gelenden soň, Magtymguly hanyň patyşa häkimiýetleriniň ýanynda abraýy has-da artypdy.

*W. F. RYBIN,*
*TSSR iň Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň lawureýaty.*
*Sowet Edebiýaty žurnaly 5/90 (Makala gysgaldyldy)*

*Makalany rus kril hatyndan latynça geçiren we suratlar bilen bezän:*
*Akmyrat Gürgenli*